# Saña nä…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Saña nä… Gaýgysyz ABDAL

▶ SAÑA NÄ?!.

Adamy palçykdan ýugrup-ýasadyñ,
Ýasap näme edersiñ, mundan saña nä?!
Halk etdiñ ynsany, jahana saldyñ,
Saldyñ-da neýlärsiñ, mundan saña nä?!

Bakgalmy sen, terezini neýlärsiñ,
Işiñ-güýjüñ ýokdur, göwün eglärsiñ.
Guluñ günäsini çekip neýlärsiñ,
Geçiber günäsin, mundan sañä nä?!

Katran * gazanyny döküber gitsin,
Mömin bolan gullar didara ýetsin,
Perman ber, ýylana tamugy ** ýuwtsyn,
Söndür şu ataşy, mundan saña nä?!

Sepil düşdim, bu älemde naçar *** men,
Gyldan köpri ýaradypsyñ, geçer men.
Eger geçip bilmesemem uçar men,
Geçir gullaryñy, mundan saña nä?!

Gaýgysyz Abdal diýr, Jennet ýaratdyñ,
Jähenneme niçe gullary atdyñ.
Niçeleri yşkyñ oduna ýakdyñ,
Ýakyp-da neýlärsiñ, mundan saña nä?!

♧ Düşündirişli sözlük:

Katran * – garaýag.
Tamug ** – dowzahda bir ýer.
Naçar *** – bu ýerde bialaç manyda. Goşgular